# Harari häzirkizaman ynsanyny halas edip bilermi?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Harari häzirkizaman ynsanyny halas edip bilermi? HARARI HÄZIRKIZAMAN YNSANYNY HALAS EDIP BILERMI?



*Ýuwal Noý Harari / Fotosurat: Oliwer Middendorp*

Ýuwal Noý Harari «Ýigrimi birinji asyr üçin ýigrimi bir sapak» atly 336 sahypalyk kitabynyň çap edilen gününden bäri aktiwligini ýitirmän, okyjylaryň gyzgyn seslenmesine mynasyp boldy.

Uly akyldarlar, işewürler we alymlar dowamly diýen ýaly geljegi çak etme we şoňa görä işler etme tagallasynda.

Ýaşaýşy has gowulandyrylan dünýä döretmek maksadyny öňe tutýan bu ýagşy niýetli tagallalar wagtal-wagtal maglumatlary elinde saklaýanlaryň şahsy maksatlaryna görä zyýanly netijeleri

döredip bilýär. Emma bu maglumatyň özi bilen baglanyşykly mesele däl.
Bu boýunça kelle agyrdýanlaryň arasynda Elwin Toffler, Reýmond Kursweýl, Ilon Mask, Mitio Kaku ýaly adamlar hem bar, ýene-de biri alym Ýuwal Noý Hararidir.
Adamzat taryhy boýunça beren düşündirişleri bilen tanalýan Harari «Sapiens», «Homo Deus» ýaly eserlerinde adamzat taryhyny we geljegini şekillendiren esasy dinamikalaryň üstünde durup geçdi.
Bu eserleriň dowamy hökmünde ýazan «Ýigrimi birinji asyr üçin ýigrimi bir sapak» işi bolsa has aktual meseleler bilen gyzyklanýar.




*«Ýigrimi birinji asyr üçin ýigrimi bir sapak», Ýuwal Noý Harari / «Kolektif Kitap» neşirýaty, Terjime eden: Selin Siral*
Harari asyrymyzyň esasy meselelerini derňeýär we dünýämiziň garşyma-garşy bolup duran dürli tehnologiki, syýasy, sosial problemalarynyň üstünde pikir alşyp, şu günüň adamynyň geljege nähili taýýarlanmalydygy barada gözýetimimizi giňeldip biljek gyzykly maglumatlary berýär.
Global temalarda kelle döwýän Harari XXI asyryň getiren nämälimlikelriniň hötdesinden nädip gelmelidigi barada dürli

çözgütli tekliplerini orta atýar.
Kitapda emeli aň, tehnologiýa, syýasat, etika ýaly birnäçe ugry öz içine alýan 21 bölüm bar.
Bölümleriň esasy durup geçýän ugurlary şular: Tehnologiki kynçylyk, umyt we umytsyzlyk, hakykat, gaýtawul.
Eýse Harari bize nähili sapaklary bermäge synanyşýar?
Kitap tehnologiki ösüşiň adamzada ýetiren täsirlerini derňäp söze başlaýar.
Harari emeli aň, robotlaşma ýaly ugurlardaky ösüşleriň adam bolmagyň manysyny nähili üýtgedip biljekdiginiň üstünde pikir alyşýar.
Bular ýaly tehnologiýalaryň iş dünýämizde we gündelik durmuşymyzda döredýän öwrülişikleri etiki problemalary-da öz ýany bilen getirýändigine ünsi çekýär.
Harariniň pikiriçe bu täze enjamlar adam eli bilen gözegçilik edip durka, şol bir wagtyň özünde ulanylýan formalary bilen adamzat taryhyny täzeden ýazma mümkinçiligine-de eýe.
Kitapda üstünde durlup geçilen ýene bir möhüm ähmiýetli tema – inmormasiýa döwründe ýalan habarlaryň we maglumat hapalygynyň giňden ýaýramagy.
Biziň günlerimizde maglumat elýeterliligi aňsatlaşýanam bolsa, alýan maglumatlarymyzyň dogrulygyny anyklamak barha kynlaşýar.
Harari bu ýagdaýyň demokratiýalara ýetirýän täsirleriniň we jemgyýeti nezdinde maglumatyň nädip manipulirlenip bilinjekdiginiň üstünde durup geçýär.
Harari okyjylaryna tankydy pikirlenme, ukyp-başarnyklaryny ösdürme, dürli çeşmeleri deňeşdirip okama ýaly gymmatly maslahatlary berýär.
Harari şeýle-de uly maglumat we gözegçilik tehnologiýalarynyň ösüşine ünsi çekýär.
Tehnologiýa kompaniýalarynyň we hökümetleriň raýatlary yzarlarma mümkinçilikleriniň artmagy şahsy azatlyklar we pynhan syrlar boýunça uly howplary abandyrýar.
Bu ýagdaý soňky günlerde adam beýnisine çipleriň oturdylyp, adamlary öz erk-ygtyýarynyň çäginden çykaryljakdygy baradaky myş-myşlary ýatladýar.




Kitap şeýle gözegçilik we ugrukdyrma enjamlarynyñ jemgyýetçilik ylalaşygyna nähili garşy gidýändiginiñ we şahslaryñ bu täze reallykda azatlyklarlaryny nähili gorap biljekdikleriniñ üstünde pikir alyşýar.
Sosial-ykdysady deñsizlikler boýunça-da Harati kapitalistik sistemanyñ güýjüni tankyt astyna alýar.
Global ykdysadyýetdäki deñagramsyz ösüş, klimat üýtgeşmeleri, tebigy baýlyklaryñ soñuny saýman ulanylmagy we gutarylmagy ýaly problemalaryñ hötdesinden nähili gelmelidigi barada möhüm soraglary orta atýar.
Awtor nasionalizmiñ we populizmiñ bu problemalara çözgüt bolup bilmejekdigini, jemgyýetleriñ has adalatly we dowamly aýdyñ

geljek üçin haýsy strategiýalary kabul etmelidigini derñeýär.
«Ýigrimi birinji asyr üçin ýigrimi bir sapak» Ýuwal Noý Harariniñ baý tejribesi we sagdyn analiz etme ukyby bilen baýlaşdyrylan, oýlandyryjy we gözýetimiñi giñeldiji ylmy iş.
Kitap häzirkizaman dünýäsiniñ buýr-bulaşyklygynyñ, çylşyrymlylygynyñ hötdesinden gelmek üçin gerekli zatlary we maglumatlary hödürlemek bilen birlikde, şol bir wagtyñ özünde geljegi şekillendirme babatda-da aktiw rollary boýnumyza almaga çagyrýar.
Pedagoglar, syýasatçylar, esasanam ertirki günüñ gaýgysy bilen gezýän her bir adam üçin gymmatly çeşme bolup duran bu kitap kyn wagtlarda ýol görkezip biljek soraglary we analizleri bilen ünsi çekýär.
Kitapdan alynan bir sitata bilen sözümi jemleýärin:
«Ýerlikli-ýerliksiz maglumat ýagmyryna tutulan dünýäde saýyrdañ bolup duraýmak juda kyn».
Behçet DARGYN / behcetdargin@gmail.com

Duşenbe, 22.04.2024 ý. Publisistika